# Hanjar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hanjar HANJAR

Hanjar sowgat beren barmyka gyza,
Belki, bardyr, belki, ýokdur – biljek däl.
Bir gyzyñ öñünde çöksem-de dyza,
Oña dil ýarmaga hötde geljek däl.

Näçe gezek duşup sözleşjek boldum,
Her gezegem dilim diýen etmedi.
Dilimi çeýnedim, saçymy ýoldum,
Şonda-da bir söze güýjüm ýetmedi.

Miweli agaçda dömen gül ýaly,
Wagty geler, hökman gülüp çykar ol.
Bolmasa-da boýnum boljak gyl ýaly,
Günleriñ bir gün-ä dilden sypar ol.

Bilýän men ol sözüñ oda saljagny,
Garşy bolsa,
Sowuk sözüñ deregne;
Iñ gowusy, sowgat beren hanjarmy,
Alaga-da, ursun meniñ ýüregme.

Sapar ÖRÄÝEW. Goşgular